# Bulam başga «Parallel gurluş»

Category: Kitapcy,Publisisistika
написано kitapcy | 24 января, 2025
Bulam başga "Parallel gurluş" BULAM BAŞGA "PARALLEL GURLUŞ"

Ýeri, JHP-niñ deputaty Mahmut Tanala dogry düşündik diýeli, oñky düşnükli, erbet niýeti ýok.
Halk Tv-ä çykyp jemagat-parallel gurluşy öwüp arşa çykaranlara näme diýmeli?
Odatv-de AKP-ä-de duýdurypdyk, "Jemagaty tanañzok, siziñem başyñyzy iýerler" diýipdik, emma gulak asdyryp bilmedik. Çünki içlerindäki "troýa atlaryna" ynanýardylar. Şindi… "Biziñ mähellämizi" ynandyrmak gerek!
Ýazyjy Umberto Eko bilen meşhur kinomatografiýaçy Žan-Klod Karýeriñ gyzykly gürrüñdeşligi "Kitaplardan gutularyn öýtmäñ" (“Kitaplardan Kurtulabileceğinizi Sanmayın”) ady bilen Türkiýede kitap görnüşinde çap edildi. Eko "kellesiz" sözüne şeýle düşündiriş berýär: "Ilkibaşda dogry-dürs pikir ýöredýän ýaly görünşine aldanarsyñyz, bir zatlaryñ kemdigini birbada añşyrmak kyn. Şonuñ üçinem howpludyr."
Karýer onuñ sözüniñ üstüni ýetirýär: “Ýalñyşany bilenem çäklenip oñmaýar. Ýalñyşyny gygyryp-bagyryp uly iliñ ortasyna çykyp öñe sürer we dogry etjek bolar, jar eder, hemmeleriñ ony eşitmegini islär. Jedele ýer goýmaýan anyk çözgütlere añsatlyk bilen ýetmek islär. Kellesizligiñ näderejede turba ýaly zarñyldap ses edýändigini görmek adamy haýrana goýýar.”
Kellesizlik biziñ üçin, meniñ üçin şuny aýdýar: "Jemagat oýun oýnap olary Siliwri türmesine atandygy üçin hakykatlary görenoklar!"
Şu sözi aýdýanlar ne bizi, ne Jemagaty tanaýar!
Aslynda şeýle diýýänler üns bereniñe degýän adamlar däl.
Emma mesele… bilkaslaýyn bolmadyk gereksiz işleriñ edilmegi däl, jemgyýetçilik kwalifikasiýasydyr.
Dowamly düşündirip-aýdyñladyp durmaga mejburdyrys, çünki hiç zady bilenoklar. Sap akyl we mekirlik bilen netije gazanarys öýdýärler. Aslynda bu tipiki AKP kellesidir.

Türkiýäniñ meselesi bu kelledir, ýagny, JAHYLLYKDYR!..
Geliñ… Jemagaty bu gezek Hytaýyñ "parallel gurluşy" arkaly düşündirmäge synanşaýyn…

- **ABŞ-dan göni talap etdiler**

Li Hunçži Çangçunyñ adyny eşdeniñiz barmy, heý? A "Falun Gong" jemagatyny bilýäniñiz barmy? Bilýänsiñiz öýdemok…
Li Hunçži 1998-nji ýylda ABŞ-na göçüp bardy. Bir ýyldan soñ hytaý hökümeti Li Hunçžiniñ tarapdarlaryna garşy giñ gerimli operasiýa geçirdi: belli-belli adamlaryny tussag astyna aldy. Jenaýatçylykly guramanyñ başlygy hasaplanýan Li Hunçžini yzyna bermegi ABŞ-dan göni talap etdiler. Bermediler. Hytaý hökümeti ikinji gezek Interpoldan onuñ tussag edilmegini talap etdi. Interpol "syýasy we dini şahs" bahanasy bilen talaby ýerine ýetirmekden ýüz öwürdi.
Hytaý hökümeti Li Hunçžini raýatlykdan çykardy.
Nämeleriñ bolup geçendigine düşünmegiñiz üçin iñ başyna dolanaýyn…
Li Hunçži 1952-nji ýylyñ 27-nji iýulynda Demirgazyk Hytaýyñ Girin şäherinde dogulsy. (Budda taryhyna gabatlaşdyrmak üçin doglan gününiñ 1951-nji ýylyñ 13-nji maýydygyny öñe sürýär. Dini ritualaryñ wagtyna deñ getirjek bolup, şuña meñzeş köp üýtgeşmeleri – galphorlyklary edýändigini bilmeýän ýok.)
Kiçi ýaşlardan başlap Tao we Budda derslerinde okady. Goşunda trompetçi (surnaýçy) we ammar kätibi bolup gulluk etdi.
Otuz ýaşady…
Hiç bir babatda adatdan daşary artykmaçlygynyñ ýokdugyna garamazdan, beden energiýasyny sazlaýan "hytaý sporty" ýa-da söweşjeñ sungat hökmünde bilinýän sigun ussady olarak, Hytaý döwletinden mekdep açmaga rugsatnama aldy: Wagt 1992-nji ýylyñ 13-nji maýydy.
"Falun Gong" Hytaýdaky sigunyñ bir şahamçasy hökmünde görüldi, "Falun Gong" Çigong ylmy instituty tarapyndan hasaba alyndy.
Li Hunçži birnäçe çigong halypasy ýaly 1992-1994-nji ýyllarda Hytaýyñ uly şäherlerinde sapak berdi, mekdepler açdy. Onuñ çykyşlary, sapaklary diýseñ täsirlidi, özüne çekijidi.

"Falun Gong"-yň okadylýan mekdeplerinden harwar-harwar pul ýagmaga başlady. Hytaý döwleti we jemgyýetçilik guramalary tarapyndan köp sanly baýraklara mynasyp görüldi. Daşary ýurtlardan çakylyklar gelmäge başlady. Birinji duralgasy 1995-nji ýylda Pariž boldy. Soňra Şwesiýa, ABŞ, Kanada, Awstraliýa, Täze Zelandiýa, Germaniýa, Şweýsariýa, Singapur ýaly ýurtlarda konferensiýalar berdi.
Ýazan kitaplary bestseller boldy. Kitaplary onlarça dile terjime edilip, dünýä ýurtlarynda ýaýradylmaga başlandy. Aýratynam ýokary okuw jaýlarynyň talyplarynyň arasynda köp sanly göwünjeňler döremäge başlady. Gurnaklar klub açýardylar. Sosial mediýadan diýseň gowy peýdalanýardylar.
Käbir ýaş göwünjeňlerini täze gatnaşyklary açmak üçin ABŞ-na ugratdy. Hytaýyň daşynda ýetmiş ýurtda guramaçylykly toparlandylar. Bu boýunça müňden gowrak mugallymy dünýä ýurtlaryna ugratdy.

- **Pensilwaniýadan berlen ildeşlik**

Nähili tötänlik: Pensilwaniýa Li Hunçžä “hormatly raýatlyk” berdi!
Ýewropa parlamentiniň agzalary tarapyndan Saharow adyndaky baýraga we Parahatçylyk boýunça Nobel baýragyna hödürlendi! Günbataryň habar beriş serişdeleri ony "dünýäniň iň täsirli 500 adamyndan" biri hökmünde tanatdy. Dünýäniň abraýly gazet-žurnallarynda interwýulary çykmaga başlady.
Li Hongzhiniň "baýdagy" parlaýardy. Emma…
Hytaý metbugatynda "Falun Gong" taglymatynyň üstünde jedeller başlady.
Şondan soň Hytaý döwleti "jemgyýetçilik tertip-düzgünini bozup biläýjek toparlanmalara baş goşmazlygy" üçin Li Hunçžä duýdurdy.
Garaşylan jogabynam aldy: "Falun Gong"-yň agzalary "döwlet bizi gysýar" diýip köpçülikleýin çykyşlary gurnamaga başlady. Günbataryň habar beriş serişdelerini herekete geçirdiler, erkinlik talaplaryny öňe sürdiler. Günbatarly hökümetler we adam hukuklary boýunça guramalar hytaý hökümetini ýazgardy.

Haý diýmänem… Li Hunçži 1998-nji ýylda ABŞ-na ýerleşdi. Kän wagt geçmänkä, 1999-njy ýylym 20-nji iýulynda döwlet "Falun Gong" mekdeplerine garşy uly operasiýa geçirmäge başlady. Anyk sany häzirem näbelliligine galýan "Falun Gong"-yñ köp sanly tarapdarlary tussag astyna alyndy. Hökümet "täze din döretme" maksady bolan "Falun Gongy" "ýoldan çykan gurama" yglan etdi.
Hytaýyñ Jemgyýetçilik howpsuzlygy ministrliginiñ habar bermegine görä hurafalary öñe sürüp, nädogry ynançlary wagyz edýän we adamlary biri-birine garşy küşgürip sosial durnuklylygy howp astyna salmagy maksat edinýän "Falun Gong" Günbataryñ gizlin gulluklarynyñ eline geçipdi.
Hytaý hökümeti "Falun Gonga" garşy söweş yglan etdi, olaryñ hakykatda näderejede howply akymdygyny mekdeplerde ýörite okuw sapaklaryna salyp görkezdi, afişalar we dokumental gepleşikler arkaly halka hakykaty düşündirdi.
Hytaý bilen Günbataryñ arasynda "berersiñiz-bermersiñiz" diýip häzirem Li Hongzhi dawasy bar.
Aslynda… Koreýadaky protestant "Moon" tarykatydyr Ispaniýadaky "Opus Dei" tarykaty ýaly birnäçe mysallary bilýänsiñiz. Bularyñ hemmesi MRU-nyñ (CIA) ganatynyñ aşagyndaky dini jemagatlar!
Ertir size başga bir musulman ýurtdan başga bir fakty ýazmakçy…

Soner ÝALÇYN.

"SÖZCÜ" gazeti, 11.09.2014 ý. Publisistika